# Dokamaly bir halym bar…

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 23 января, 2025
Dokamaly bir halym bar…

DOKAMALY BIR HALYM BAR…

Ýyllaryñ geçerne howlugardym öñ,
Indi arzuwlaýan yza teserin.
Tesmeýär ol, diñe hakydamyzda,
Ýazyjy deý, goýup gidýär eserin.

Ýöne,ol eserleñ galam hakyna,
Alyp gitdi juwanlygyñ heserin.
Şoñ üçinem giç bolmaka agtaryp,
Geçip giden ýyllaryñ iñ ýeserin.

Bimany ýyllary ýüñ ýaly egrip,
Ele alyp kämilligiñ keserin.
Dokamaly bir halym bar,oñ üçin,
Kalbym-a erişdir, argajy serim.

Düşelgesi bolmaz ýaly düşeksiz,
Toprakdan topraga gitmeli ýeriñ.
Onuñ göllerini haýyrdan çitip,
Gyryp synny bilen tanapyn şeriñ.

Dokap bilsem islegimçe nagyşlap,
Ýeke-ýalñyz, "Ömür" atly eserim.
Geçip barýan ýyllañ yzyndan garap,
Isläp durman onuñ yza teserin.

Gyzylgül ANNAGYLYJOWA.

Goşgular